**Hormatly adamlar!**
**Eziz watandaşlar!**

Sizi sagdynlygyň we ruhubelentligiň halkara baýramy — Bütindünýä welosiped güni bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Bütindünýä welosiped güni dostlugyň, parahatçylygyň, sportuň hem-de ynsanperwerligiň belent ýörelgelerini dabaralandyrýan, jemgyýetimiziň agzybirligini, jebisligini alamatlandyrýan baýram hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun tutýar. Şonuň üçin dünýä bileleşigi bilen birlikde, eziz Diýarymyzda hem bu sene ýokary ruhubelentlikde, giňden bellenilýär.

Hormatly Arkadagymyzyň esaslandyran bitewi, dowamly hem-de strategik döwlet syýasaty esasynda, Bitarap Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda taryhy Kararnamanyň, şeýle hem 2022-nji ýylyň 15-nji martynda «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň, ýaňy-ýakynda bolsa Aşgabat şäherinde üstünlikli geçirilen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde paýtagtymyzy «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýip yglan etmek hakyndaky Çözgüdiň biragyzdan kabul edilmegi, Aziýanyň Tennis federasiýasy tarapyndan Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilmegi hem-de degişli güwänamanyň gowşurylmagy ýurdumyzyň sport başlangyçlarynyň, adam saglygyny goramak babatdaky ýörelgeleriniň dünýä bileleşiginde uly ykrarnama eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär.

Biz raýatlarymyzyň saglygyny goramagyň milli ulgamynyň çäklerinde ýaş nesillerimiziň sagdyn ösmegi üçin peýdaly gurşawy döretmekden, dogry iýmitlenmekden başlap, sport bilen giňden meşgullanmak we ekologik abadançylygy üpjün etmek ýaly wezipelere aýratyn üns berýäris. Garaşsyz Watanymyzyň geljegi bolan ýaşlarymyzyň ýaramaz endiklerden daşda durmagy, zähmet bilen dynç alşy utgaşdyrmagy, sportuň dürli, şol sanda hereketli görnüşleri bilen meşgullanmagy üçin ähli tagallalary edýäris.

**Eziz watandaşlar!**

«Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgelerimize laýyklykda, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda, ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, medeniýet ulgamlarynda giň möçberli özgertmeleri amala aşyrýarys. Halkymyzyň ýokary ýaşaýyş-durmuş derejesini üpjün etmek, döwrebap obadyr şäherçeleri, täze senagat toplumlaryny döretmek bilen, döwletimiziň dünýädäki ornuny yzygiderli berkidýäris. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024

köpçülikleýin bedenterbiýäni, Olimpiýa hereketini, sporty ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýäris. Bu ugurda milli maksatnamalarymyzy, toplumlaýyn özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirýäris.

Gysga döwrüň içinde eziz Diýarymyzda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän iri sport hem-de atçylyk sport toplumlary, stadionlar, sport mekdepleri, Olimpiýa şäherçesi gurlup, döwrebap sport düzümleri döredildi. Çünki bedenterbiýäni we sporty dünýä derejesinde ösdürmek, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak arkaly raýatlarymyzyň saglygyny berkitmek, sagdyn bedenli we ruhy taýdan kämil nesilleri ýetişdirmek, ýokary derejeli sporty, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek ynsanperwer döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bedenterbiýe we sport döredijilik başlangyçlaryny, maksada okgunlylygy höweslendirýän sagdynlygyň hem güýjüň esasy çeşmesidir.

Welosiped sürmek sportuň gyzykly görnüşi bolup, ilatymyzyň beden taýdan sagdynlygyny berkitmekde esasy orny eýeleýär. Ýurdumyzda sportuň bu görnüşiniň artykmaçlyklaryna hem-de ekologik abadançylyga ýetirilýän täsire mynasyp baha berip, onuň bilen meşgullanýanlaryň sany barha artýar. Çünki dürli ýaşdaky raýatlarymyzyň, hususan-da, ýaş nesillerimiziň saglygy üçin bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak döwrüň möhüm talabydyr. Şu nukdaýnazardan, welosiped sportuny has-da işjeň ösdürmek maksady bilen, Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda 2024-nji ýylyň 31-nji maýy — 3-nji iýuny aralygynda ilkinji gezek Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Tejen — Aşgabat bölegi boýunça uzak aralyga welosipedli ýörişiň guralmagy uly ähmiýete eýedir.

**Hormatly adamlar!**
**Eziz watandaşlar!**

Sizi Bütindünýä welosiped güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin. Goý, bu ajaýyp halkara baýram sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekany bolan Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzy şan-şöhrata beslesin, merdana halkymyzyň durmuşyna gaýtalanmajak öwüşgin çaýsyn!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024